# Döwük küýze

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Döwük küýze DÖWÜK KÜÝZE

*Ýegen Atagarryýewe*

Alym kişi niçe gündür dyrmalap,
Bitin ele saldy döwük küýzäni.
Ol hamana altynly hum tapan dek,
Küýze bilen unudypdy dünýäni.

Ýazdy, pozdy, kelle döwüp oýlandy,
Topragyň gatlagyn öwrendi kemsiz.
Ýagly petir ýaly gat-gat taryhyň
Niçeme asyry ýatyrdy demsiz.

Deňeşdirdi ençe tapyndysyny,
Gözleriniň göreji dek gorady.
Alym kän gürleşdi küýzesi bilen,
Aslyny, durkuny, hilin sorady.

Kim ýasapdyr,
kimse içipdir suwun,
Küýze ýekän-ýekän beýan edipdir.
Adam öz eliniň hünäri bilen
Nesillere döwrün goýup gidipdir.

* * *

Goluň ýaýyp, daşyn garan bir zaman,
Durmuş gözel, ýaşanyňa degýändir.
Şükür, seniň kimdigiňe garaman,
Aý, Gün seň üçinem ýaşyp-dogýandyr.

Penjireden girip, gapydan çykyp,
Dünýe durar,
adam gider bakyýa.

Bäş gün ömür, sarpa goýup adama,
Süýji-süýji ýaşaşalyñ, Aky aga!

Asyrlaryñ keşgin çeken metjitler
Dymyp saña köp zatlary aýdyp dur.
Munda diñe il-gün diýip baş goýan
Owadan adamlañ ady galypdyr.

Sona ÝAZOWA. Goşgular